# MILLI ŞAHYRYMYZ GAZAGYSTANDA

Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherindäki konsullygynyň guramagynda Ş.Ýesenow adyndaky Hazar tehnologiýalar we inženerçilik uniwersitetinde “Magtymguly Pyragynyň ruhy mirasy – dostlugyň we parahatçylygyň nyşany” ady bilen halkara maslahat geçirildi.

Bu möhüm çärede türkmen halkynyň görnükli şahyry beýik Pyragynyň baý edebi mirasy wagyz edildi, oňa degişli ylmy gözlegler barada edilen işler dogrusynda degerli maglumatlar getirildi. Çykyş eden iki tarapyň wekilleri doganlyk halkaryň ynsanperwer gatnaşyklary dogrusynda aýdan sözleri bu çäräniň mazmunyny baýlaşdyrdy.

***“Bilim” žurnaly.***

Все права защищены